# Gynanýan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gynanýan GYNANÝAN

Men bu dünýä ynsan bolup dogulyp,
Mydam ýagşy bolmaýanma gynanýan.
Emma ýamanlyga baglamok bili,
Käte dilde sözleýänme gynanýan.

Dogry sözden, ýalan tapyp bolýanyn,
Görkezdi gözüme, namartdyr-zalym.
«Hemmeler ýagşy» diýp, buýsanan manym,
Aýak teýde harlananna gynanýan.

Ençe ýyldan bäri dumanly serim,
Dolansoñ göripden her baran ýerim.
Nobaty ýetmese dilim boldy sem,
Köpleriñki bolmanyna gynanýan.

Beýik Oguzhanyñ neslinden bolup,
Oguzlar deý ýaşap bilmeseñ aýyp.
Agyr hassalamda sargalyp-solup,
Gulluk döwrüm ejizlänme gynanýan.

Şirnazar diýr, müşgülim kän bolsa-da,
Utulmadym, göwnüm ýarym bolsa-da,
Hemme ahyrýetiñ baryn bilse-de,
Nikasyz edilýän zyna gynanýan.

Şirnazar TAGANOW. Goşgular